# Türmeden Prezident köşgüne giden ýol…

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türmeden Prezident köşgüne giden ýol… TÜRMEDEN PREZIDENT KÖŞKÜNE GIDEN ÝOL: “MUSULMAN DOGANLAR”




Bir asyra golaý alnyp barylan göreşleriň netijesinde “Musulman doganlar” guramasy ahyrsoňunda Müsüriň agalygyny ele almagy başar(yp)dy… Geliň, yslam dünýäsinde uly üns berlip synlanan we birnäçe ýurduň yslam hereketlerine öňaýak bolan bu guramanyň hekaýatyna bilelikde göz gezdireliň…
Müsür baryp Osmanly tabynlygynda döwründe, 1881-nji ýylda iňlisler tarapyndan basyp alynmaga başlandy we 1914-nji ýylda iňlisleriň doly golastyna geçdi. Täze hojaýynlar 1805-nji ýyldan bäri özygtyýarly häkim derejesindäki Kawalaly maşgalasyny agalykdan uzaklaşdyrdy. Şol sanda, iňlislere garşy giden Abbas Hilmi Paşany wezipeden çetleşdirip, ýerine iňlislere ygrarlylyk sözi beren we osmanlylary ýigrenýän Fuad Mälik wezipä getirildi. 1936-njy ýylda Fuadyň aradan çykmagy bilen ýerine 16 ýaşly ogly Faruk geçipdir. Faruk gowy gylyk-häsiýetli, emma ejiz şahsyýetdi. Hökümdaryň we ýanyndakylaryň öz aýşy-eşretleri üçin edýän ýerliksiz maddy çykdaýjylar, soňy gelmeýän dawalar, bir tarapdan iňlisleriň basgysy, pukara güzeranda ýaşaýan garamaýak halkyň bizar-peteňini çykardy. Yslam durmuşy pese düşüpdi. Iňlisler tarapyndan müftilige bellenen Abdonyň (mason) geçiren özgertmeleri bilen meşhur “El-Ezher” uniwersiteti liseý derejesine düşüpdi. Iň soňky Osmanly raýatlary aýtmyşlaýyn, “Müsür birmahallar ýewropalaşypdy”. Ynha, “Musulman doganlaryň” hereketi hem

bütin bu bolýan zatlaryň jümmüşinde pyntyk ýardy. Wagtyň geçmegi bilen bütin yslam dünýäsine ýaýrady.

- Sosializm tolkuny

“Musulman doganlar” guramasynyň 1928-nji ýylda Ysmaýylyýa şäherinde düýbi tutulýar. Esaslandyryjysy obaly mugallym Hasan el-Benna (1904-1949) bolupdyr. “Süweýş” kompaniýasynda işleýän işçileriň garyplygy, Bennany sosiialist pikirlere ýakynlaşdyrýar. Adyny Bennanyň neşir eden “Musulman doganlar” žurnalyndan alan bu jemgyýet 1932-nji ýylda Kairde toplanyp başlaýar. “El-Ezher” ulamalaryndan Tantawi Jöwheriniň hemaýat etmegi arkaly giňden ýaýrap başlady. Müsür Mäliginden başga musulman ýurtlaryň dolandyryjylaryna syýasy we sosial durmuşda yslam prinsiplerine inçelik bilen eýerilmegi barada nesihat mazmunly ýazan hatlary arkaly şan-şöhrata eýe boldy. Herekete goldaw beren halkdan pul ýygnaldy. Ýetginjeklerden toplanan partizan otrýadlary düzüldi. “Musulman Doganlar” guramasy dünýewi “Wefd” partiýasynyň ýeňiş gazanan 1941-nji ýyldaky saýlawlaryna gatnaşdy. Mejlise girip bilmese-de, şan-şöhraty gitdigiçe artdy. Legal we legal däl göreşi alyp bardy. Şol sebäpli, 1944-nji ýylda guramanyň işi ýatyryldy we emläkleri döwletiň hasabyna geçirildi. Premýer-ministr Ahmed Mahiriň ölüminde güman edilen Hasan el-Benna we onuň egindeşleri saklanylsa-da, dellileriň ýeterli hasap edilmändigi üçin azatlyga goýberilýär. Şol iki arada guramanyň agzalary 1948-nji ýylyň Palestina urşuna gatnaşýar. Bir tarapdan bolsa iňlislere garşy partizançylyk urşuny alyp barýarlar. Şol ýyl iňlis tarapdary premýer-ministr Fehmi Nukraşiniň janyna kast edilýär. «Musulman  doganlar» guramasy bu jenaýaty edendigini mälim etmekden çekinmeýär. 20 günden soňra Hasan el-Bennanyň janyna hem kast edilýär. Gurama bu kast edilşikden Mäligi aýyplaýar. Emma bu işiň içinde iňlisleriňem eli bardy.

- Ofiserlere bildirilen ynam

1950-nji ýylda Konstitusion kazyýet gurama hakyndaky kararyň ýalňyşdygyny yglan etdi. Premýer-Ministr Nahhas Paşa guramanyň işine rugsat berdi. Emma “Musulman doganlar” Mälige garşy

agdarylyşyk gurnamak üçin goşunyň içinde toparlanan “erkin ofiserler” bilen dildüwşüpdi. Prinsipleri bir-birine ters gelýän bu iki hereket sosiializm taglymatynda birleşýärdiler. Ofiserler guramanyň agzalaryna döwlet agalygyny ele alan ýagdaýynda, yslam döwletini gurmak barada wada berdiler. Gurama halky öz tarapyna çekip, ofiserleriň peýdasyna hereket edip başlaýar. Şeýlelik-de Mälik Faruk 1952-nji ýylda tagtdan agdarylýar. Mälik öz ýatlamalarynda:
“Meni agdaranlar “Musulman doganlardy”. Ofiserler olaryň elinde diňe aýakçy bolup hyzmat edýärdiler” diýip ýazypdyr.
Guramanyň agzalary agdarylyşygyň ýolbaşçysy Nasyrdan beren sözünde durmagyny talap edenem bolsa, sosialist Nasyryň düýbünden beýle niýeti ýokdy. Ofiserleriň ilkinji eden işi Osmanly döwründen däp bolup galan harby şapkany gadagan etmek boldy. Soňra olar 1954-nji ýylda iňlisler bilen ylalaşyk baglaşansoň gurama bilen aralary ep-esli açyldy. Guramanyň agzalary köçä çykdylar. Kast edilşikden zordan halas bolan Nasyr guramanyň ýolşaşçylaryndan Abdylkadyr Udehe ýalbaryp, pitnäni köşeşdirdi. “Kim zalyma ýardam etse, Alla ony oňa musallat eder” diýen hadys amala aşdy. Munuň yzysüre hereketiň agzalaryndan 10:müň adamy kast edilşige gatnaşandygy ýöňkelip ýanamalara sezewar edilýär. Müsür Konstitusiýasynyň taýýarlanmagyna gatnaşan we “Yslam Jeza Hukugy” kitaby bilen Mälik Fuadyň elinden sylag alan hukukçy alym Abdylkadyr Udehi hem bäş egindeşi bilen birlikde dar agajyndan asdyrylýar.
Sosialist zalymlaryň ýokary döwlet wezipelerine gelmegine kömek etmek syýasy tejribesi we hüşgärligi bolmadyk “Musulman doganlaryň” bagyşlap bolmajak günäsidi. Bütin negatiw taraplaryna garamazdan monarhiýa Müsür üçin şol wagtlar iň demokratik režim bolup durýardy. Iňlis häkimiýeti Müsüri SSSR-e garşy howpsuzlyk meýdançasy hökmünde ulanýardy.

- Seýit Kutub

Türmä salynanlaryň içinde Seýit Kutub (1906-1966) atly bir pedagog hem bardy. Ýaşlygynda günbatar medeniýetine ýykgyn eden Kutub päkistanly “Yslam jemagaty” guramasynyň

esaslandyryjjysy Mewdudynyň täsiri astynda yslam hereketine gönükdi. Şol wagtlar Ysraýyly goldaýan Amerika garşy arap dünýäsinde Russiýanyň we sosializmiň täsiri uludy. Kutub hem entek dini dünýägaraýşy pes bolandygy zerarly bu akyma meýil edýär. Ol sosiologiýadan ylym almaga Amerika gidýär we ol ýerden ol ýurda duşmançylykly pikirlere eýe bolup, ýurduna dolanyp gelýär. 1950-nji ýylda “Musulman doganlara” goşulýar. Gazetlerde ýangynly makalalar bilen çykyş edip başlaýar. Onuň pikirine görä, bütin meseleleri çözmek yslamy ilkinji asyryndaky bolşuna alyp barmak arkaly mümkin bolmalydy.
Seýit Kutub 15 ýyl türmä höküm edildi. Bu ony hasam ýekebara pozisiýalara iterýär. Şondan bolsa gerek, režim bilen ylalaşyk ýollaryny gözleýän gurama bilenem aralary açyldy. Guramanyň agzalaryna edilen sütemler arap dünýäsinde güýçli nägilelik döredýär. Kutub Yragyň ýolbaşçysy Abdysalam Aryfyň towakgasy bilen 1965-nji ýylda azatlyga çykarylýar. Emma onuň idealaryndan ýüz öwürmändigini sebäpli, iki egindeşi bilen birlikde dardan asylýar. Emma onuň türmede ýazan we “Nadanlyk“ (“Jahiliýe”) diýip atlandyrylan häzirki düzgünden halas bolmak üçin hiç zady gaýgyrmazdan jihady alyp barmagy ündeýän kitaplary bütin dünýä ýaýraýar.

- Gurama tertibe girýär

1970-nji ýylda gurama Nasyryň ölmegi bilen rahat dem alýar. Enwer Sedat çepçi toparlary dagatmak isleýän Amerikanyň ündewi bilen hereket edip, dürli dildüwşiklerden we pyssy-pyjurlyklardan uzak durmak şerti bilen “Musulman doganlaryň” işine rugsat berýär. Şol wagtdan başlap bolsa, Seýit Kutubyň tarapdarlary guramany dönüklikde aýyplap, “Tekfir”, «Yslamy Jihad” ýaly radikal guramalara ýakynlaşýar.
Enwer Sedat 1981-nji ýylda “Yslamy Jihad” guramasynyň agzalary tarapyndan öldürilenden soňra ýerine geçen Husny Mübärek gurama bilen oňyn gatnaşyklarda bolmaga çalyşýar. Emma olar partiýa agzalary bilen gatnaşan saýlawlarynda sesleriniň we deputalarynyň gitdigiçe artmagy Mübäregiň göwnüne ýaramaýar hem-de guramanyň işine päsgel bermäge başlaýar. 1991-nji ýylyň

Pars aýlagy urşunda Amerikan tarapdarydygyna garşy çykan radikal toparlaryň terrorçylykly hereketlerini bahanalap hökümet ýüzlerçe “Musulman doganlar” guramasynyň agzalaryny tutup saklaýar. 1995-nji ýylyň saýlawlarynda mejlise giren ýeke-täk deputaty döwletden daşary çykmaga mejbur edýär. Olaryň 2000-nji ýyldaky saýlawlara gatnaşmazlygy üçinem elinden gelenini gaýgyrmaýar. Muňa garamazdan 454 orunlyk mejlise 17 gurama agzasy girmegi başarýar. Gurama kommunizmiň çökmegi bilen hasam liberal we demokratik ideýalar bilen hasam giň gerime eýe bolýar. 2005-nji ýylyň saýlawlarynda 88 deputat gazanýarlar we Mübäregiň partiýasyndan soňra ikinji bolýarlar. Bu bolsa “Musulman doganlar” guramasynyň ynamlylygyny we duşmanlaryny artdyrýar. Şu wagt Müsüriň döwlet dolandyryşy “Musulman doganlaryň” elinde. Ýurduň Howpsuzlyk geňeşi näme üçin bu ýagdaýa göz ýumduka?!. Bu bize belli däl. Emma munuň Türkiýede 1980-nji ýylyň “12-nji sentýabr” agdarylyşygyndan soňra Turgut Ozalyň orta çykyşyna meňzeşligi ýogam däl.

- Siriýanyň “Musulman doganlary”

Diňe Müsürde däl, ilki Siriýada we Yrakda, soňra beýleki arap ýurtlarynda özara baglanyşyklarynyň ýokdugyna garamazdan, şol bir ideologiýa bagly “Musulman doganlar” hereketi ýüze çykýar. Olardan meşhur hadys alymy Mustapa Sibaýynyň (1915-1964) ýolbaşçylygynda Siriýada dörän hereket takwa we sünni garaýyşlara ýakyndy. 1981-nji ýylda agdarylyşyk synanyşygy üçin hereketiň agzalary Hafyz Esad hökümeti tarapyndan derbi-dagyn edildi. Ölüme jezasyna höküm edilenler boldy. Halas bolmagy başaranlar gaçdy. Siriýanyň gümrük nokadynda gümrükçileriň birine arapça çala bilýän bir biçäräniň “Hemmämiz musulman doganlardyrys” diýen sözi üçin guramanyň agzasydyr öýdülip türmä dykylandygy mälimdir. Türkiýede Milli Sagadat Partiýasy (MSP) “Musulman doganlaryň” parallelindäki bir gurama hökmünde baha berildi. MSP döwrebaplaşma döwründe “Aşakdan ýokarlygyna” (ilki musulman jemgyýet gurmak) ýa-da “Yokardan aşaklygyna” (ilki musulman hökümet gurmak) görnüşinde ikä bölünen dine hyzmat garaýşynda

ikinji toparda ýer aldy.

Ekrem Bugra EKINJI.

2012 ý. Publisistika